# Atajan Annaberdiýew

Category: Goşgular,Kitapcy,Poemalar,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 25 января, 2025
Atajan Annaberdiýew ATAJAN ANNABERDIÝEW (1946-2006)




Atajan Annaberdiýew, 1946-njy ýylyň 8-nji sentýabrynda Mary welaýatynyň Murgap etrabynyň Gökdepe (häzirki Çäçdepe) obasynda doglan. Milleti boýunça türkmen. 1953-nji ýylda Murgap etrabyndaky 19-njy orta mekdebiň 1-nji klasyna okuwa barýar.1964-nji ýylda Murgap etrabynyň 19-njy orta 11-ýyllyk mekdebini üstünlikli tamamlap, Aşgabatdaky M.Gorkiý (häzirki Magtymguly)adyndaky Türkmen Döwlet Uniwersitetine okuwa girýär. 1969-njyýylda Uniwersiteti fizik-magnitolog hünäri boýunça tamamlaýar.1969-njy ýyldan başlap, tä 1995-njy ýylda hormatly dynç alyşa (pensiýa) gidýänçä, 26 ýyllap, Murgap etrabynyň 19-njy orta mekdebinde mugallym bolup işledi.
Atajan Annaberdiýew 1974-nji ýylda 28 ýaşyndaka Türkmenistanyň Ýazyjylar Birleşmesiniň agzalygyna kabul edildi. Atajan Annaberdiýew Türkmenistanyň Ýazyjylar Birleşmesiniň taryhynda agzalyga kabul edilen iň ýaş şahyrdyr. Şahyr A.Annaberdiýew 1991-nji ýylda Türkmenistanyň Ýazyjylar Birleşmesiniň Mollanepes adyndaky baýragynyň ilkinji eýesi bolýar. A.Annaberdiýew 1996-njy ýylda “Watana bolan söýgüsi üçin” diýen medal bilen, 1999-njy ýylda bolsa “Gaýrat” medaly bilen Döwlettarapyndan sylaglanýar.A Annaberdiýew 1996-njy ýylda Garaşsyz Türkmenistany wasp edýän goşgularydyr poemalary üçin Türkmenistanyň Demokratik patiýasynyň yglan eden bäsleşiginiň ýeňijisi hökmünde pul baýragyna mynasyp boldy. 2005-ýylda

Döwlet tarapyndan degişmeçi ýazyjylaryň arasynda geçirilen bäsleşigiň ýeşijisi bolup, pul baýragyna mynasyp boldy. Atajan Annaberdiýewiň aýaly Gurbanjemal Suwhanowa (şahyryň öz klasdaşy, kursdaşy hem-de Murgap etrabynyň 19-njy orta mekdebinde mugallym bolup bile işlän işdeşi).
Çagalary dört: Çemen, Guwanç, Nursähet, Läle.
ÖZÜME

Köşeş, Atajan, azajyk!
Belki, seň garaşyp ýören
Bagt guşuň başga bir ýerde
Gezip ýörendir azaşyp.

Sen ony gözläp tapmarsyň,
Çyksaňam guşap biliňi.
Bagtly boljak bolsaň,
ilki
Bagtly et başga birini.

*Çeşmesi: https://tk.wikipedia.org/wiki/Atajan_Annaberdiýew. 27.10.2022ý.*
Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly